# Gündelik: Guýudan çykmagyñ syry…

Category: Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelik: Guýudan çykmagyñ syry… GUÝUDAN ÇYKMAGYÑ SYRY




YouTube kanallaryñ birinde haýyr bilen şeriñ ebedilik tutluşygy, durmuş hakdaky gyzykly bloglaryñ aşagyna teswirde diñleýjileriñ biri gyzykly tymsal ýazypdyr. Ony «Gündeligime» girizmän bilmedim. Ünsümi çeken ol tymsal siziñ hem ünsüñizi çeker diýip umyt edýärin:
Bir daýhanyñ eşegi atdanlykda guýa gaçypdyr. Daýhan näme etjegini bilmän aljyrap durka, eşek yzyny üzmän aññyrypdyr. Ol ahyrsoñunda eşeginiñ garrandygyny, guýyny şonsuzam gömmegiñ gerekdigini pikir edip, eşegi çykaranyña degmeýär diýen karara gelipdir. Ol ähli goñşularyny kömege çagyrypdyr. Gelenler eline pil alyp, ýerli-ýerden guýa gum zyñyp başlapdyr. Eşek näme bolup geçýänini duýup, öñküsindenem beter aññyrmaga başlapdyr. Birdenem hemmeleri geñ galdyrjak bolýan ýaly sesini kesipdir…
Birküç pil gum zyñandan soñ, daýhan guýa äñedipdir. Ol gözüniñ görýän zadyna ynanmandyr. Eşek üstüne düşýän her pil gumy aşak silkip, ýokary çykmaga seki ýasanypdyr. Goñşular ýene gum zyñmaga dowam edipdir. Eşek hemmeleri haýrana goýup, guýynyñ bir gyrasyndan daşary ädim ädipdir-de, adamlaryñ üýşüp duran ýerinden gaçyp gidipdir.
Hawa, durmuş siziñ üstüñize her dürli gum-kesegini, hapasyny zyñar durar… Ha, bu hapalar ýakyn hossarlaryñdan ýa garaşmaýan adamlaryñ üsti bilen geler, ha-da ýat-kesekileriñ.

Guýudan çykmagyñ syry – şol gum-kesegi, hapany silkip, aýak astyna alyp, bir ädim beýge galmakdadyr. Çekýän kösençliklerimiziñ her biri bir ädimdir. Iñ çuñ guýulardanam arman-ýadaman, irmän çykyp biljekdigiñize şek-şübhäñiz bolmasyn. Silkiniñ we öñküsinden has beýge dyrmaşyñ.
Bagta ýetmegiñ bäş sany ýönekeýje düzgüni ýatdan çykarmalyñ:
1. Ruhuñyzy ýigrençden, öýke-kineden saplañ – bagyşlañ.
2. Oý-pikirleriñizi alada-gaýgylardan, ünjüden saplañ – köplenç näçe hars ursagam, bolmajak zat bolanok.
3. Sada we ümsüm ýaşañ, eliñizde bar zatlaryñ gadryny biliñ.
4. Beren eliñ bereketi egsilmez – hiç kimden hiç zady gysganmañ.
5. Oñarsañyz, hiç kimden hiç zada garaşmañ. Ýatlamalar